# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Türkmenistanyň Zähmet kodeksine goşmaça girizmek hakynda

I. 2009-njy ýylyň 18-nji aprelinde Türkmenistanyň Kanuny bilen tassyklanylan Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 30-njy madda; 2010 ý., № 1, 6-njy madda, № 2, 34-nji madda; 2011 ý., № 1, 26-njy madda, № 4, 81-nji madda; 2012 ý., № 1, 12-nji madda; 2013 ý., № 2, 45-nji madda, № 3, 48-nji madda; 2014 ý., № 2, 76-njy madda, № 4, 129-njy we 151-nji maddalar; 2015 ý., № 1, 35-nji madda, № 3, 112-nji madda; 2016 ý., № 2, 101-nji madda; 2017 ý., № 1, 33-nji madda, № 3, 112-nji madda, № 4, 134-nji we 147-nji maddalar; 2018 ý., № 2, 48-nji madda; 2019 ý., № 1, 11-nji madda, № 4, 71-nji madda) 6-njy maddasyna şu mazmunly bölegi goşmaly:

«6. Şu kodeksiň 47-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga taraplaryň erkine bagly bolmadyk ýagdaýlaryň ýüze çykmagy sebäpli işgär zähmet borçlaryny ýerine ýetirip bilmedik halatynda, onuň zähmet borçlaryny ýerine ýetirip bilmedik döwründe zähmet gatnaşyklary dowam etdirilen hasap edilýär. Şeýle ýagdaýlarda zähmet hakynyň we beýleki tölegleriň tölenilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.».

II. Şu Kanunyň I böleginde görkezilen kada 2020-nji ýylyň 1-nji martyndan soň ýüze çykan ýagdaýlara degişli edilýär.

III. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden herekete girizilýär.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat şäheri.*
*2020-nji ýylyň 22-nji awgusty.*
*№ 275-VI.*